**Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2025-nji ýylyň 30-njy aprelindäki
№18-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

# № 1-jh "Ilatly ýerleriň abadanlaşdyrylyşy barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça

# GOLLANMA

## Umumy düzgünler

№1-jh forma boýunça hasabaty:

1. Ilatly ýerleriň çäklerinde häkimlikleriň (geňeşlikleriň), ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň we kärhanalaryň garamagynda bolan we özbaşdak balansynda duran bagçylyk we abadanlaşdyryş, daşky abadanlaşdyryş desgalaryny, suw çüwdürimleri we suw çüwdürimler toplumlary ulanmak, şeýle hem durmuş galyndylaryny arassalamak, alyp gitmek we ilatly ýerleriň çäklerini mehanizmleşdirilen usulda arassalamak boýunça işleri ýerine ýetirýän kärhanalar we guramalar

Ýyllyk hasabat hasabat beriji kärhananyň ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna we özünden ýokarda durýan edarasyna ýanwaryň 25-ne tabşyrylýar.

2. Ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary (garamagyndaky kärhanalary şu forma boýunça hasabat berýänler) Türkmenistan boýunça jemleýji hasabaty düzýärler we fewral aýynyň 15-ne Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine tabşyrylýar.

Eger-de kärhana ýa-da gurama bölümlerdäki işleriň görnüşleriniň ählisi bilen meşgullanmaýan bolsa, onda hasabatdaky maglumatlar diňe olaryň amala aşyrýan iş görnüşleri boýunça şol bölümi doldurulmalydyr.

1-nji bölüm - göklendiriş we abadanlaşdyryş işlerini ýerine ýetirýän kärhanalar we edaralar;

2-nji bölüm- daşary abadanlaşdyrmagyň desgalaryny ulanmak işlerini ýerine ýetirýän kärhanalar we edaralar;

3-nji bölüm mehanizmleşdirilen usulda arassaçylyk we durmuş galyndylaryny äkitmek işlerini ýerine ýetirýän kärhanalar we edaralar.

4-nji bölüm suw çüwdürimleri we suw çüwdürimler toplumlary ulanmak işlerini ýerine ýetirýän kärhanalar we edaralar.

Maglumatlar formada görkezilen ölçeg birliklerinde (gymmat görkezijiler, gektarlar, kilometrler, inedördül metrler, müň maşyn-günler, müň inedördül metrler, müň kub metrler- oturdan soň bir onluk, galanlary – bitin sanlarynda) görkezilýär.

### 1. BÖLÜM
### ŞÄHERLERIŇ WE ŞÄHERÇELERIŇ ÝERLERI HEM-DE GÖK ÖSÜMLIKLERI

01-nji setirde şäher ýerleriniň çäklerinde umumy meýdan görkezilýär. Bu görkezijiniň düzümine şäheriň resmi taýdan tassyklanan çäginde ýerleşýän ähli ýerler we suw giňişlikleri girýär, emma resmi tassyklanan çäk bolmadyk ýagdaýynda - hasabat ýylynyň ahyryna hakyky bar bolan çäklerdäki ýerler goşulýar.

Şäheriň çäklerini oba hojalyk ýerlerinden we şu çägiň (çyzygyň) daşynda ýerleşýän beýleki ilatly ýerleriň çäklerinden bölüp aýyrýan serhedi (çyzyk) şäher ýerleriniň çägi diýlip hasap edilýär.

Şäher ýerleriniň umumy meýdanyndan şäher çäginde gurluşyk edilen ýerleriň meýdany 02-nji setirde görkezilýär.

"Gurluşyk edilen ýerleriň meýdany" görkezijä ýer bölekleriniň meýdany goşulýar:

**umumy peýdalanyşdaky:**

- jaýlaryň, kärhanalaryň we desgalaryň gurlan ýerleri;
- gatnaw ýolary üçin ulanylýan ýerler;
- ýaşaýyş jaý toplumlarynyň arasynda ýerleşýän, köçeleriň, meýdançalaryň, kenarýakalaryň we ş.m. tutýan çäkleri;
- ilatyň dynç almagy, tomaşa etmegi we beýleki arassaçylyk we medeni zerurlyklary üçin ulanylýan ýer bölekleri (seýilgähler, tokaý seýilgähler, baglar, skwerler, bulwarlar we ş.m.);
- suw giňişlikleri (balyk hojalyklarynyň howdanlaryndan başga);
- gonamçylyklar.

**ýörite niýetlenen** ýer böleklerine şular degişlidir**:**

- aýratyn zolakda ýerleşýän ýerler (demir we gara ýollar, port desgalary, howa menzilleri we beýlekiler);
- döwlet goranyş desgalarynyň tutýan ýerleri (tälimhanalar, atyşyk geçirilýän ýerler, esgerhanalar we beýlekiler);
- goraghanalar we häkimligiň gönüden-göni garamagyndan aýrylan şoňa meňzeş ýerler.

Bu görkezijä diňe şäheriň peýdalanylýan ýerleriniň tutýan meýdany, ýagny şäheriň ýa-da şäherçäniň jaý gurulmadyk çäginde ýerleşýän amatly we amatly däl ýerleriň meýdany (mellekler, meýdanlar, ýaýlalar, jarlar) **goşulmaýar**.

03-nji setirde ýylyň ahyryna şäheriň çägindäki ähli gök agaçlaryň umumy meýdany görkezilýär. Bu görkezijä ýörite oturdylan ýa-da tebigy gök zolaklar (tokaý seýilgähleri), bulwarlar, seýilgähler, baglar, medeniýet we dynç alyş seýilgähler, stadionlar, gonamçylyklar, ýaşaýyş etraplaryndaky gök ösümlikler, toplumyň içindäki bagçylyk, botanika we haýwanat baglary we çäkli ulanyşdaky we ýoriteleşdirilen maksatly agaç ekilen ýerleriň (mekdepleriň, sagaldyş we çagalar guramalaryň, jemgyýetçilik binalaryň, senagat kärhanalaryň çäklerinde) beýleki gönüşleri goşulýar.

04-nji setirde ilatyň dynç almak, gezelenç etmek we tomaşa-güýmenje üçin peýdalanylýan gök ösümlikler ekilen meýdany görkezilýär. Olara şäheriň serhediniň çäklerinde ýerleşýän medeniýet we dynç alyş seýilgähleri, çagalar seýilgähleri, baglar (şol sanda zoologiýa we botanika baglary), stadionlar, bulwarlar, skwerler we beýleki gök ösümlikler (köçelerde oturdylanlardan başga) degişlidir. Bu görkezijä çäkli peýdalanylýan gök ösümlikler, ýagny okuw mekdepleriniň, çagalar we saglygy goraýyş edaralarynyň, dynç alyş öýleriniň, senagat kärhanalarynyň we ş.m. çäginde ýerleşýän, çäklendirilen görnüşde peýdalanmak üçin niýetlenen gök ösümlikler goşulmaýar.

05-nji setirde "tokaý seýilgähleriniň meýdany" görkezijisinde şäher ilatly ýerleriň çäklerindäki ýörite (gorag) maksatly, ozaldan bar bolan ýa-da emeli usulda ekilen, landşaft, binagärçilik-meýilleşdiriş, tokaý hojalyk, melioratiw we beýleki abadanlaşdyryş elementleri bolan tokaýlaryň binýadynda döredilen gök ösümlikleriň uly massiwleri görkezilýär.

06-njy setirde "köçe-ýol ulgamynyň gök ösümlikler ekilen meýdany" görkezijisine olaryň ugrunda çukur gazylyp ýa-da gazon boýunça agaçlar we gyrymsy agaçlar ekilen awtomobil ýollarynyň, şeýle hem agaç-gyrymsy ösümlikler bolmadyk gazon zolaklaryň jemi uzynlygy goşulýar. Görkezijä iki tarapyna gök ösümlikler ekilen ýollaryň goşa uzynlygy we bir tarapyna gök ösümlikler ekilen ýollaryň uzynlygy goşulýar.

07-nji setirde öndürilen önümlerini, ýagny ösümlikleri (güller, agaçlar, otlar, gyrymsy agaçlar), olaryň tohumlaryny hem-de nahallary we ş.m. ýerlemekden alnan girdejiler görkezilýär.

08-nji setirde bag etmek we ulanmak boýunça işler (nahallary, tohumlary satyn almak we ösdürip ýetişdirmek; inwentary, enjamlary satyn almak; işgärleriň aýlyk zähmet haky we ş.m.) bilen bagly çykdajylar görkezilýär.

08.1-nji setirde ilatly ýerleriň çäklerinden bag ekmek we abadanlaşdyrmak boýunça işler bilen bagly çykdajylary we ýitgilerini ýapmak üçin döwlet tarapyndan bölünip berilýän dotasiýalar görkezilýär.

## 2. BÖLÜM
## ILATLY ÝERLERIŇ ÝOL HOJALYGYNYŇ WE KÖÇELERIŇ YŞYKLANDYRYLYŞY

2-nji bölüme kärhana (gurama) tarapyndan hyzmat edilýän ähli desgalar we çäkler goşulýar (1-nji sütün), şolardan kärhanalaryň balansynda duran desgalar boýunça maglumatlar aýratyn görkezilýär (2-nji sütün).

01-nji setirde ilatly ýerleriň çäklerinde hasabat döwrüniň ahyrynda hasapda durýan ähli köçeleriň, geçelgeleriň, şaýollaryň, köprüleriň, ýolgeçitleriň, ötükleriň umumy uzynlygy görkezilýär.

Bellik:

- eger köçäniň ýörelýän bölegi bulwar ýa-da bölüji zolak bilen bölünen bolsa, onda onuň hereket edilýän zolaklaryň sanyna garamazdan, şonuň ýaly köçäniň uzynlygy onuň merkezi oky boýunça hasap edilmelidir. Bir taraplaýyn hereket edilýän köçeleriň uzynlygy umumy esaslarda görkezilýär;
- meýdanlaryň uzynlygy hem köçeleriň çatryklary ýaly iki ugur boýunça kesgitlenýär.

02-nji setirde diňe gaty örtükli köçeleriň, geçelgeleriň, şaýollaryň, köprüleriň, ýolgeçitleriň, ötükleriň we ş.m uzynlygy bölünip görkezilýär. **Gaty örtükli ýollara** *kämilleşdirilen görnüşlerine örtük* (sement-betonly, asfalt-betonly hem-de organiki we berkidiji materiallary bilen işläp bejerilen çagyldan we daş owuntygyndan asfalt-beton görnüşli örtük) *we geçiş görnüşli örtük* (çagyl we daş, işläp bejerilmedik materiallardan, daş köprüleri, toprakdan we ýerle berk bolmadyk materiallar, berkidilen işlenen materiallara) degişlidir. 02-nji setire **toprak ýollar goşulmaýar**. 02-nji setir 01-nji setirden az ýa-da oňa deň bolmaly.

03-nji setirde gaty örtükli ýollaryň uzynlygyndan ýoluň hereket edilýän ugrunyň **kämilleşdirilen örtgüler düşelen** bölegi görkezilýär. 03-nji setir 02-nji setirden az ýa-da şoňa deň bolmaly.

04-nji setirde tehniki-tükelleýiş maglumatlary boýunça hasabat döwrüniň ahyryna ilatly ýerleriň çäklerinde hasapda durýan köprüleriň we ýolgeçitleriň umumy sany görkezilýär

**Köpri -** bu emeli desga, dürli päsgelçilikleriň bar bolan ýerinde (derýa, köl, jar) ýol şonuň üstünden geçýär. Köprüniň sütünleri we sütin aralygyny birleşdiriji gurluşlar onuň möhüm bölekleri bolup durýar.

**Ýolgeçitler geçelge köprüler -** bu köprüleriň gurluşynyň bir görnüşi, awtomobil ýollaryny beýleki ýoluň, jarlaryň, jülgeleriň ýa-da tebigy ýa-da emeli päsgelçilikleriň üstunde geçirýan desga.

<u>Köprüleriň umumy sanyna aşakdakylar **goşulmaýar:**</u>

- derýalaryň, kanallaryň, çeşmeleriň üstünden wagtlaýyn geçilýän serişdeler bolup durýan we ulag serişdeleriniň hereket etmegi üçin niýetlenen wagtlaýyn köprüler (ýüzýän, olaryň düzütlerine garamazdan);
- gum düşekleriň aşagyndaky turbalar;
- suwly ganawlaryň üstünden geçirilen köprüjikler.

Köprüleriň umumy sanyndan **pyýada köprüler**, ýagny derýalaryň, kanallaryň, gara ýollaryň, demir ýollaryň, jarlaryň we ş.m.üstünden diňe pyýadalaryň geçmegi üçin niýetlenen köprüler 05-nji setirde görkezilýär.

06-njy setirde agaçdan ýasalan köprüleriň sany görkezilýär.

07-nji setirde hasaba alnan ähli köprüleriň we ýolgeçitleriň umumy meýdany görkezilýär, ol tehniki-tükelleýiş maglumatlary boýunça ýa-da tehniki pasportlaryň

görkezijileriniň esasynda kesgitlenilýär. Bu görkezijiň düzümine hasabat döwrüniň ahyryna gatnalýan bölegiň meýdany we ähli ýanýodalaryň meýdany goşulýar. 07-nji setirden pyýada köprüleriň meýdany (08-nji setir) we agaçdan ýasalan (09-njy setir) köprüler bölünip aýrylýar.

10-njy setirde hasabat döwrüniň ahyryna tükelleýiş ýa-da deslapky maglumatlar boýunça hasapda duran ulag we pyýadalar üçin niýetlenen ötükleriň umumy sany görkezilýär.

Ötükleriň umumy sanyndan 11-nji setirde pyýadalar üçin ötükler bölünip görkezilýär.

Ilatly ýerleriň çäklerinde ulagyň (demir ýol ulagyndan başga) we pyýadalaryň gatnamagy üçin niýetlenen ýerasty desgany **ötük** diýip hasap etmeli.

12-nji setirde hasaba alnan ähli ötükleriň meýdany görkezilýär, şolardan 13-nji setirde pyýadalar üçin ötükleriň meýdany bölünip görkezilýär.

14-nji setirde şäher ýerleriniň çäklerinde elektrik bilen yşyklandyrmak üçin ýörite enjamlary bolan gara ýollaryň (şaýollaryň, köçeleriň, geçelgeleriň, köprüleriň, ötükleriň we ş.m.) yşyklandyrylan bölekleriniň umumy uzynlygy görkezilýär. Meýdanlaryň yşyklandyrylan bölekleriniň uzynlygy köçeleriň çatryklary ýaly iki ugur boýunça kesgitlenýär, yşyklandyrylan köçeleriň, köprüleriň we ötükleriň uzynlygy bolsa olaryň iki ýa-da bir tarapynyň yşyklandyrylandygyna garamazdan, olaryň oky boýunça görkezilýär.

## 3. BÖLÜM
## ŞÄHERLERIŇ WE ŞÄHERÇELERIŇ ÇÄKLERINIŇ MEHANIZMLEŞDIRILEN USULDA ARASSALAMAK

01-nji setirde hojalykda meýdanlary arassalamak we durmuş galyndylaryny äkitmek üçin peýdalanylýan ýöriteleşdirilen awtoulaglaryň (ýa-da tehnikanyň) hasabat döwrüniň ahyrynda bar bolan sany görkezilýär. Olara kärhananyň ya-da guramanyň hasabynda duran süpüriji-ýygnaýjy, suwaryş-ýuwujy, çäge-hlor sepeleýji ulaglar, ýörite enjamlary bolan traktorlar, buldozerler, demrikdiriji katoklar, zir-zibil daşaýjylar, bortly awtoulaglar, ýüküni özi düşürýän ulaglar we gaýry ýöriteleşdirilen ulag degişlidir.

01.1-nji setirde tükelleýiş hasaba alnyşynda durýan we işe çykarylýan ähli maşynlaryň işinde maşyn-günleri görkezilýär. Maşyn-günleriň umumy sany gündelik maglumatlar boýunça, ýagny çykarylan wagtyny hasaba alyş wedomosti, maşynlaryň çykarylan ýyly we tehniki ýagdaýy ýa-da dispetçerlik žurnaly ýa-da ýol hatlary boýunça hasabat döwrüniň her bir senenama gününde işlemek üçin awtoulag parkdan ýa-da garaždan goýberilýän awtomaşynlaryň sanyny goşmak arkaly kesgitlenilýär.

Maşyn toplumdan ýa-da garaždan işe çykarylan bolsa we iki sagatdan az narýadda bolan bolsa, onda ol işde diýlip hasaplanylýar. Narýadda iki sagatdan az bolmadyk we parka ýa-da garaža günüň dowamynda dolanyp gelen maşyn (sebäbine garamazdan) bütin gün işde diýlip hasaplanylýar. Eger bu maşyn şol gün gaýtadan işe çykarylan bolsa, ol işde bir gezek boldy diýlip hasaplanylýar (has takygy işde bir maşyn-güni diýlip hasaplanylýar).

02-nji setirde ýöriteleşdirilen awtoulaglaryň umumy sanyndan süpüriji-ýygnaýjy we suwaryş-ýuwujylar ulaglar, 03-nji setirde - zir-zibil daşaýjylar görkezilýär.

04-nji setirde gyşda hem-de tomus paslynda mehanizmleşdirilen usulda arassalanýan (ýörite arassalaýjy awtoulaglaryň kömegi bilen) gara ýollaryň (şaýollaryň, köçeleriň, geçelgeleriň, köprüleriň, ötükleriň we ş.m.) meýdany görkezilýär.

05-nji setirde hasabat döwri boýunça emele gelen durmuş galyndylarynyň umumy möçberi, şolardan gaty durmuş galyndylary 05.1-nji setirde görkezilýär. Emele gelen gaty we suwuk durmuş galyndylarynyň çykarylandygyna (alnyp gidilendigine) garamazdan, 05 setiriň maglumatlary 06 we 09 setirleriň jeminden köp ýa-da şolara deň bolmaly.

06-njy setirde hasabat döwründe ähli görnüşli zir-zibil daşaýjylar, bortly awtomaşynlar we ýüküni özi düşürýän ulaglar arkaly çykarylan gaty durmuş galyndylarynyň umumy möçberi görkezilýär. 06 setiriň maglumatlary 07 we 08 setiriň jemine deň bolmaly.

Hasabat döwründe çykarylan gaty durmuş galyndylarynyň çykarylan umumy möçberinden gaýtadan işlemek boýunça kärhanalara (07-nji setirde) we galyndylary dulama poligonlary (08-nji setirde) çykarylanlary bölünip bellenilýär.

**Gaýtadan işlemek boýunça kärhanalara** zir-zibili gaýtadan işleýän zawodlar we galyndylary öňünden taýýarlamak (hil taýdan tertipleşdirmek, ýygnaşdyrmak, arassalamak) hem-de galyndylary peýdalanmak boýunça kärhanalar degişlidir.

**Gaty durmuş galyndylarynyň dulama poligonlary** galyndylaryň ýerleşdirilýän desgalary (ýörite enjamlaşdyrylan desgalar) bolup durýar, olarda daşky gurşawa zyýanly maddalaryň düşmeginiň öňüni almak maksady bilen gelejekde ulanmaga degişli bolmadyk galyndylary ýerleşdirmek (üzňelemek) amala aşyrylýar.

09-njy setirde hasabat döwründe çykarylan suwuk durmuş galyndylarynyň möçberi görkezilýär.

10-njy setirde hasabat döwrüniň ahyrynda ýerleşýän ýerlerine garamazdan, ilatly ýerleriň tükelleýiş maglumatlaryna görä ähli assenizasion, kompostirleme we zir-zibil dökülýän poligonlarynyň (meýdanlarynyň) meýdany görkezilýär.

11-nji setirde hasabat döwrüniň ahyrynda ilatly ýerleriň tükelleýiş maglumatlaryna görä dökme beketleriň sany görkezilýär.

**Dökme beketler** diýip, hapa-hupalary we ýuwundylary ýygnan aýyrmalardan, lagym bolmadyk binalardan lagym ulgama çykarmak üçin kabul etmäge we deslapky taýýarlamaga niýetlenen düýpli desgalar hasaplanylýar.

12-nji setirde hasabat döwründe ulanmakdan gelen girdejiler görkezilýär, şolardan ilatdan gelen girdejiler 13-nji setirde görkezilýär.

**Ulanmakdan gelen hemme girdejiler** Ilatly ýerleriň çäklerinde hasabat döwründe edilen hyzmatlaryň ähli görnüşleri üçin (işleriň esasy we goşmaça görnüşleri boýunça) tölemek üçin berlen hasaplaryň esasynda kesgitlenýän umumy möçberi bolup durýar, olara köçeleri arassalamak üçin býujetden töleg we býujetiň hasabyna ýerine ýetirilýän beýleki hyzmatlar, bejeriş ussahanalarynyň beýleki guramalara düýpli gurluşygy ýerine ýetirýän hyzmatlary, guramalaryň hasabyna amala aşyrylýan düýpli we beýleki bejergi işleri üçin töleg hem goşulýar.

14-nji setirde hasabat döwründe ulanmak boýunça çykdajylar görkezilýär.

Hasabat döwründe şäherleriň we şäherçeleriň meýdanlaryny sanitar taýdan arassalamak we mehanizmleşdirilen usulda arassalamak boýunça hyzmatlaryň we çykdaýjylaryň ähli görnüşleri görkezilýär. Olara zir-zibil we suwuk galyndylary äkitmek, köçeleri arassalamak, gaýry ýükleri daşamak, galyndylary zyýansyzlandyrmaga (saklamak) niýetlenen desgalary (zir-zibil dökülýän ýerleri, meýdanlar, kompostirleme we assanizasion meýdanlary) saklamak boýunça çykdajylar, goşmaça işler üçin çykdajylar we ş.m. degişlidir.

Bu çykdajylar materiallar, ýangyç. amortizasiýa, işçileriň zähmet haky, galyndylary zyýansyzlandyrmaga niýetlenen desgalary saklamak, ulag serişdelerini we ýöriteleşdirilen mehanizmleri abatlamak hem-de tehniki taýdan hyzmat etmek üçin harajatlardan, şeýle hem hojalyga hyzmat etmek we ony dolandyrmak boýunça çykdajylardan emele gelýär.

14.1-nji setirde arassalamak, ýygnamak, zir-zibilleri çykarmak, gaýtadan işlemek we abadanlaşdyrma işler bilen bagly çykdaýjylary ýitgilerini ýapmak üçin döwlet tarapyndan bölünip berilýän dotasiýalar görkezilýär.

Kärhanalaryň (guramalaryň) ilatly ýerleri sanitar taýdan arassalamak we mehanizmleşdirilen usulda ýygnamak boýunça girdejileri we çykdajylary statistiki hasabatda buhgalterçilik hasaba alnyşynyň maglumatlary boýunça müň manatda görkezilýär.

**4 BÖLÜM.**
**BAR BOLAN SUW ÇÜWDÜRIMLERINIŇ WE SUW ÇÜWDÜRIMLER TOPLUMLARYNYŇ SANY (ýylyň ahyryna)**

01-nji setirde suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlarynyň sany, 02-nji setirde bolsa hasabat berýän kärhananyň (guramanyň) balansynda duran suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlarynyň suwyny kabul edýän howdanlaryň (suw kabul edýän howuzlarynyň) sany görkezilýär.

Basyş astynda owadan suw akymynyň berilmegi we çüwdürilmegi üçin inžener binagärçilik-desgalaryň toplumyna suw çüwdürimi diýilýär.

Suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlarynyň desgalarynyň düzümine aşakdakylar: suw kabul edýän howdanlaryň (suw kabul edýän howuzy), basyşy güýçlendiriji enjamlar, suw geçirijiler we lagym ulgamy arkaly ýa-da daşky suw geçiriji ulgamda basyşyň täsiri astynda suw akymynyň çüwdürilmegini emele getirýän dürli şekilli oturtma enjamlary bolan turbalar ulgamy girýär. Olar ýeke-täk binagärçilik-kompozisiýa birleşip, suw çüwdürimler toplumlarynyň gurlan ýerleriniň binagärçilik toplumyny emele getirýär.

03-nji setirde suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlarynyň suw kabul edýän howdana (suw kabul edýän howuzlaryna) näçe suw ýerleşýändigi görkezilýär (bir gezek doldurylandaky suwuň möçberi).

04-nji setirde suw geçiriji ulgamyň düzüm bölekleriniň umumy uzynlygy görkezilýär. Bu ulgama kärhananyň, guramanyň balansynda duran suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlarynyň işlemegi üçin suwy geçirýän ähli geçiriji turbalar goşulýar.

05-nji setirde lagym ulgamynyň düzüm bölekleriniň umumy uzynlygy görkezilýär. Bu ulgama ähli geçiriji turbalar birigip, olar arkaly şertleýin arassa lagym suwlary suw kabul edýän howdanlar (suw kabul edýän howuzlar) boşanda gök agaçlary suwarmak üçin göniden-göni şäheriň, şäherçäniň we oba ýerleriniň lagym ulgamyna sowulýar.

06-njy setirde suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlarynyň işlemegi üçin suwuň berlişini amala aşyrýan kärhanada bar bolan ähli 1-nji galdyrymdaky sorujy beketleriň kesgitlenen bermeli suwy görkezilýär. Ol ýylyň ahyryna ähli oturdylan sorujylaryň olaryň abatlaýyşda bolandygyna ýa-da dürli sebäplere görä işlemän durandygyna (abatlaýyşda, iş tertibi boýunça we ş.m.) garamazdan, berýän suwunyň möçberini anyklamak arkaly kesgitlenilýär.

Her sorujynyň berilişi sorujy enjamynyň tehniki pasportynda görkezilen çykaryjy zawodynyň maglumatlary boýunça kesgitlenilýär.

07-nji setirde 1-nji galdyrymdaky sorujy beketleriň ýerasty çeşmelerden bellenen bermeli suwy görkezilýär.

Suw çüwdürimleriniň we suw çüwdürimler toplumlary 4-nji bölüminde 04-nji we 05-nji setirleriň maglumatlary bir onluk belgi bilen, galanlary bolsa bitin sanlar bilen görkezilýär.

**Durmuş statistikasy müdirligi**